# Ýalñyşlyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýalñyşlyk ÝALÑYŞLYK

(Degişme)

Toý sähedin belle, ýarym
Ähli zadym jem diýdim.
Wah, men garşy däl-le, diýdiñ,
Ýöne, ynha, ejem, diýdiñ.

Sabyrym ýok, takatym ýok,
Garaşmaly nijem diýdim.
Gyssanýan-la menem diýdiñ,
Ýöne welin, ejem diýdiñ.

Kän garaşdyk, taýýar men-ä,
Eger, läläm gaçam diýseñ?!
Ile masgara bolmaly,
Gaty görer ejem diýdiñ.

Saña diýdim ýüregimi,
Oña syryn açam diýsem,
Beýtme oglan, eger şeýtseñ,
Näme diýer ejem diýdiñ!

Beýdip ýörüp bolmaz ahyr,
Bar serhetden geçem ~ diýdim.
Garaşaly oglan, belki,
Ilki yrlar ejem diýdiñ.

Boýun men, islän zadyña,
Bitireýin haçan diýseñ.
Taýyn menem, ýöne erki
Elden aldy ejem diýdiñ.

Läläm, seniñ hoş sözüñden

Basym geljek ajal diýdim.
Ýa bu ýurtdan göçem diýdim,
Ýa-da şem deý öçem diýdim.

Başda ýalñyşan ekenim,
Ýalñyşdym söýüp men seni.
Seni söýmeli däl ekeni,
Söýmeli eken ejeñi.

Orazguly ANNAÝEW. Goşgular